Bu terjime Ýewropa Bileleşiginiň «DARYA» taslamasy tarapyndan maliýeleşdirilýär

Funded by
the European Union

ETF Working together
Learning for life

European Training Foundation

# SKAFFOLD

*«Okuw ymarat ýalydyr,
ony ädimläp gurmaly»*

# SKAFFOLD KARTOÇKALARY

*Bu gysgaça gollanma Skaffold kartoçkalary*
*nädip ulanylmalydygy barada işlenip düzüldi.*
*Olar “Täze okuw görnüşli döretmek”*
*başlangyjyň çäklerinde Ýewropa Bilim Gaznasy (ETF/ÝBG)*
*we Ýewropa Komissiýasynyň*
*bilelikdäki ylmy-barlag merkezi (JRC/BYBM) bilen bilelikde*
*Iş üpjünçilik, jemgyýetçilik işleri we goşulmak  boýunça Baş*
*müdirligi bilen wajyp başarnyklaryň üstünde*
*işlenip taýýarlanyldy.*

*Bu kitapçada meýilleşdirmekden başlap baha bermäge çenli okuw çärelerini işläp taýýarlamak üçin zerur bolan wajyp maglumatlary tapyp bilersiňiz. «Skaffold» kartoçkalary mugallymlaryň öz maksatlaryna we okuwçylaryň isleglerine laýyklykda okuw wagtyny (prosesini) döredijilikli guramakda hyzmat eder.*

*Uly höwes bilen okaň we*
*Skaffoldy ulanyp görüň!*

# Skaffold näme?

Skaffold – bu kartoçkalaryň toplumy bolup, sanly, telekeçilik, şahsy, durmuş, okuw, şeýle hem durnukly ösüşi üpjün edýän başarnyklaryň ösmegine itergi berýän okuw çärelerini işläp düzmegi isleýän resmi we resmi däl okuw bilen baglanyşykly mugallymlar üçin niýetlenilýär.

Munuň özi mugallymlara okuw çärelerini işläp taýýarlamakda kömek edýär we kop sanly esasy başarnyklary birleşdirýär hem-de olary okuwçylarda kämilleşdirmekde ýardam berýär. Kartoçkalar toplumy sanly, telekeçilik we durnukly ösüşiň başarnyklary üçin

niýetlenip, şahsy, durmuş we öwrenmegi öwrenmek başarnyklary görnüşinde Ýewropanyň başarnyklarynyň ulgamyna esaslanýar. Başarnyklaryň ähli çäklerini biri-biri bilen, şeýle hem başarnyklaryň çäklerinde kesgitlenen ýedi sany transwersal başarnyklary bilen birleşdirýär.

Skaffoldyň maksady - ÝB-iň esasy başarnyklarynyň çäkleriniň mugallymlar üçin ýeňil we aňsat bolmaklaryny gazanmak we has giňişleýin aýdylanda, ähli pedagoglar üçin – öz okuwçylary üçin ähmiýetli okuw işini we degişli bilim bermekligi birleşdirmek bilen maslahatlaryň kömegi bilen düzülen her başarnygyň bilim bermekde we bahalandyrmakda näme talap edilýändigi barada ýetirmek.

Şahsy, durmuş, öwreniş başarnyklary

Telekeçilik başarnyklary

Sanly başarnyklar

Durnukly ösüş başarnyklary

Skaffold synp otagyna girmezden ozal ulanylmaly guraldyr, ýöne şeýle-de ol size sapaklary we okuw çärelerini düzmäge hem-de geçirmäge kömek eder. Ol islendik dersde ulanylyp, bilim ulgamynyň islendik derejesinde ýa-da resmi däl okuwyň islendik görnüşi üçin peýdalanylyp bilner. Bu kartoçkalar mugallymlara meýilleşdirýän öwrediş işleri barada aýdyň düşünje bermäge kömek edýär.

Skaffold kartoçkalary bilelikde amala aşyrylýan işlerde ulanmak üçin amatly we örän sadadyr. Onuň çeýe gurluşy bolup, döredijilikli çemeleşmä höwes döredýär we ulanyjynyň islegine laýyklykda giňelip bilýär.

# Kartoçkanyň düzümi

Skaffold 102 kartoçkadan ybarat bolup, olar bäş topara bölünendir. Her topar size, mugallym(lar)a kitaphanadan belli bir elementleri saýlamak we meýilleşdirilişiň dürli tapgyrlaryndaky usullaryny we ädimläp taýýarlanylan görkezijilerini hödürlemek bilen okuw işjeňligini işläp taýýarlamakda kömek eder.

**1.** Okuw gurşawyny kesgitlemäge we meýilleşdirmezden ozal ähli zerur maglumatlary ýygnamaga kömek edýän **ugrukdyryjy kartoçkalary** ýerleşdiriň: Sapak näçe wagt dowam edip biler? Okaýjy kim? Işiň maksady näme? we ş.m.

**2. Meýilleşdiriş kartoçkalary** okuw çäreleriniň gurluşyny kesgitleýärler. Bu kartoçkalar belgilenendir we bellenilen tertipde ýerleşdirilmelidir. Olar daştöwerekdäki ýagdaýy hemişe göz öňünde tutmak bilen, başarnyklary saýlamakdan başlap, okuw meýilnamasyny düzmeklige çenli işi gurnamak üçin zerur hereketleri görkezýärler

**3. Başarnyklar kartoçkalary** ÝB-iň dört düzümdäki başarnyklary göz öňünde tutýar (DigComp, LifeComp, EntreComp we GreenComp ). Her kartoçkada beýleki başarnyklar üçin çykgytlar ýerleşýär we daşyndan seredeniňde degişli transwersal başarnyklar bilen arabaglanyşygy saklaýar. Şeýlelik-de, zerur bolan başarnyklary saýlap, olaryň arasyndaky täze özbolușly arabaglanyşyklary tapyp bilersiňiz. Uniwersal skwoznyýe /transwersal başarnyklaryň kartoçkalary ÝB-iň ulgamyny kämmileşdirýän başarnyklary emele getirýär. Olar başarnyklaryň düzümini ugrukdyrmakda we sazlaşdyrmakda ýardam berýärler.

**4. «Okatmagyň usullary» kartoçkalary** häzirki zaman pedagogiki çemeleşmeleriň kitaphanasyny göz öňünde tutýar, olary pedagogik taýdan täsir etmekde ulanyp bolar. Olar bu usuly iş ýüzünde tejribede ulanmak üçin amaly teklipler bilen okatmagyň degişli usullaryny saýlamakda maslahat berýärler we kömek edýärler.

**5. «Bahalandyrmagyň usullary» kartoçkalary** bahalandyrmaklygyň dürli usullarynyň kitaphanasyny göz öňünde tutýar, olary sapak başlamazdan öň, sapak wagtynda, ýa-da sapakdan soň anyklaýyş, formatiw ýa-da jemleýji baha bermekde ulanyp bolar.

# *Düzüm* kartoçkalary we *kitaphana* kartoçkalalary

Kartoçkalary göreniňizde käbir kartoçkalar keseligine, käbirleri dikligine ýerleşýärler. Keseligine kartoçkalar sapagy meýilnamalaşdyrmak üçin ulanylýar: **kartoçkalary düzmekde** ilki bilen sapagyň umumy suraty kesgitlenýär, soňra **meýilleşdiriş kartoçkalary** sapaklary meýilleşdirmäge kömek edýän bir gurluş döredýärler.

Dikligine kartoçkalary kitaphanalar diýip hasaplap bolar, olardan ösüş üçin başarnyklary ýa-da okatmagyň we

bahalandyrmagyň usullary saýlap bolar. Olar okatmagyň çäginde ulanylarlar. Olaryň hemmesi ulanylmaz, ýöne olar meýilleşdirmek maksady bilen zerur bolanda saýlanylyp we ulanylyp bilinjek gurallar toplumy hökmünde peýdalanylar.

Skaffold-da köp kartoçka bar we bir bada bu haýran galdyryjy bolup görner. Biz esasy ýatdan çykarmaly däldiris, ulanyjylar özüne gerek zadyny arkaýyn saýlap bilerler, ulanyjy kartoçkalary has ynamly ulanmagy bilen dürli çylşyrymly elementleri goşmak bolar. Skaffold tejribede okuw okatmak üçin niýetlenen, şonuň üçin onuň giňdeň ulanylmagy bilen tanyşmaklyk has hem artar.

# Taýýarlanyň!

Skaffoldy gysga sapaklary, şeýle-de uzak bilim çärelerini işläp taýýarlamakda ulanylyp bilner. Ony bir mugallym ýa-da mugallymlar topary ulanyp biler.

Kärdeşleriňizi toplaň! Diwar, stol ýa-da başga bir ýer tapyň! Birnäçe **stikerleri, ýelim, lentany, ruçkalary alyň!**

Indi Siz sapagyňyzy wizual gurmaga taýyn!

# Gözden geçiriň we görkezmelere eýeriň!




